**Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň Başlygynyň 2017-nji ýylyň 18-nji noýabryndaky 355-iş belgili buýrugy bilen tassyklandy**

**Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2017-nji ýylyň 29-njy noýabrynda 1111 san bilen bellige alyndy**

# "Türkmenistanyň raýatlaryna Aşgabat şäherinde täze gurlan jaýlardan öýleri satyn almaga gozgalmaýan emläk üçin karz bermegiň Tertibini tassyklamak barada" Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň başlygynyň 2014-nji ýylyň 25-nji aprelinde çykaran 156-iş belgili buýrugy bilen tassyklanan, Türkmenistanyň raýatlaryna Aşgabat şäherinde täze gurlan jaýlardan öýleri satyn almaga gozgalmaýan emläk üçin karz bermegiň Tertibine üýtgetme girizmek hakynda

"Türkmenistanyň Prezidentiniň käbir kadalaşdyryjy hukuk namalaryna üýtgetmeler, goşmaçalar girizmek we olaryň käbirini güýjüni ýitiren hasap etmek hakynda" Türkmenistanyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 13-nji oktýabrynda çykaran 398-nji kararyna laýyklykda, "Türkmenistanyň raýatlarynyň gozgalmaýan emlägi satyn almagy üçin karzlar hakynda" Türkmenistanyň Prezidentiniň 2007-nji ýylyň 27-nji dekabrynda çykaran 9327-nji kararyna girizilen üýgetmeleri ýerine ýetirmek maksady bilen, buýurýaryn:

1. Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2014-nji ýylyň 8-nji maýynda 761 san bilen bellige alnan, "Türkmenistanyň raýatlaryna Aşgabat şäherinde täze gurlan jaýlardan öýleri satyn almaga gozgalmaýan emläk üçin karz bermegiň Tertibini tassyklamak barada" Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň başlygynyň 2014-nji ýylyň 25-nji aprelinde çykaran 156-iş belgili buýrugy bilen tassyklanylan, Türkmenistanyň raýatlaryna Aşgabat şäherinde täze gurlan jaýlardan öýleri satyn almaga gozgalmaýan emläk üçin karz bermegiň Tertibiniň 2-nji bölüminde "Türkmenistanyň "Prezidentbank" Döwlet täjirçilik banky" diýen sözleri "Türkmenistanyň "Halkbank" Döwlet täjirçilik banky" diýen sözler bilen çalşyrmaly.

2. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine gözegçiligi Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň başlygynyň orunbasarlarynyň, Karz amallary müdirliginiň, Bank gözegçiligi müdirliginiň, Hukuk gullugynyň başlyklarynyň üstlerine ýüklemeli.